# Çagalar üçin Mukaddes Kitaby

hödürleýär

# Isanyň dünýä inişi



Ýazan: Edward Hughes
Şekillendiren: M. Maillot
Adaptirlenen: E. Frischbutter; Sarah S.
Terjime eden: Christian Lingua
Alyp baran: Bible for Children
www.M1914.org

BFC
PO Box 3
Winnipeg, MB R3C 2G1
Canada

©2018 Bible for Children, Inc.
Ygtyýarnama: Siziň bu hekaýany nusga almana we çap etmäne hukugyňyz bardyr, ýöne satuw üçin däl.

Bireýýämlerde, Hudaý perişde
Jebraýyly, Merýem atly musaýy
gyzyň ýanyna ýollaýar.  Ol oňa
“Seniň ogluň bolar we onuň adyna
Isa Mesih diýip at berersiň.
Ol özüni Hudaýyň ogly diýip
atlandyrar.
Ol mydamalyk
şalyk eder.”



“O nahili bolup biler?” diýip
ajaýyp gyz sorady. “Men erkek
adam bilen bolmadym.” Perişde
Merýeme o çaga Hudaýdan
iner diyip aýtdy. Onuň
adam atasy bolmaz.



Perişde Meryeme onuň daýzasy Elizabetyň hem çagasynyň giç ýaşda bolandygyny aýtdy. Bu hem Hudaýyň gudratydy. Tiz wagtdan Merýem Elizabety görmäne gitdi. Olar Hudaýa bile alkyş okadylar.



Meryem Ýusup atly bir oglan bilen adaglydy. Ýusup Merýemiň çaga garaşýanyny (göwreli) bilip gaty gynandy. Ol çaga başga bir erkekden diýip oýlandy.



Rebbiň bir perişdesi Ýusubyň düýşüne girip, ol çaga Hudaýyň çagasydyny aýtdy. Ýusup Merýeme Isa seretmäne kömek etdi.



Ýusup Hudaýa ynanýady we oňa emir bolýady. Ol ýurdyň kanunlarynada emir bolýady. Täze kanuna görä olar öz ene-ýurdyna Beýtullahana salgytlaryny tölemäne gitdiler.





Merýem çagasynyň bolmagyna taýyndy. Emma Ýusup olar üçin otag tapyp bilmedi. Hemme myhmanhalar dolydy.

Ýusup ahyr soňy bir küme tapdy.  Şo ýerde balajyk Isa doguldy.  Ony ejesi bir ahyrda goýdy, mallaryň otyny goýmak üçin ulanylýan zat.



Ýakynda, çopanlar ýatan sürülerini gorap ýördiler. Hudaýyň perişdesi olara bu ajaýyp täzelegi aýtdy.



“Şu gün Dawudyň şäherinde siziň üçin Halasgär doguldy, Ol Rebbimiz Mesihdyr. Siz gundaga dolanan, ahyrda ýatan bir



Çagany taparsyňyz” diýdi.

Birdenkä perişde bilen birlikde gögüň san-sajaksyz goşuny göründi.



Olar Hudaýy öwüp şöhratlandyrdylar: “Gökler gögünde Hudaýa şöhrat bolsun! Hudaýdan merhemet tapan ýerdäki



ynsanlara parahatlyk bolsun!”

Çopanlar gysanmaç kümmä geldiler. Soň olar Isany görenlerinde, bu çaga hakda eşidenlerini hemme kime gürrüň berdiler.





Kyrk günden soň Ýusup bilen Merýem Isany Iýerusalimdäki ybadathana getirdiler. Şol wagt Iýerusalimde Simun atly bir dogruçyl we takwa adam, Hudaýa Çaga üçin alkyş okady, şo wagty garry pygamber Hanna, Hudaýa iman etýän, hem alkyş okady.



Olaryň ikisem Isanyň Hudaýyň Ogly, söz berilen Halasgärdigini bilýärdiler. Ýusup iki sany guşy gurban etdi. Bu Hudaýyň garyp adamlaryň, täze dogulan çaganyň, Hudaýa gowşurýandygynyň gurbanlygydy.

Birnäçe wagtdan soň, müneçjimler gündogardan Iýerusalime gelip:



“Ýahudylaryň patyşasy bolup doglan nirede? Biz Onuň dogluş ýyldyzyny gördük we Oňa sežde etmäge geldik” diýdiler.

Hirod patyşa müneçjimler barada bilýär. Galagopluda düşen Hirod patyşa “Baryň, çaga baradaky habaryň anygyna ýetiň. Ony tapan badyňyza, maňa habar beriň. Menem baryp, Oňa sežde etjek” diýdi. Ýöne ol aldady. Hirod Isany öldürmek isledi.



Müneçjimleriň gören dogluş ýyldyzy Merýemiň we Ýusubyň çagasy bilen bile ýaşaýan ýerine getirdi. Şonda dyza çöküp, Isa sežde etdiler-de, hazynalaryny açyp, altyn, hoşboý tütetgiler we mür sowgat berdiler.



Hudaý Müneçjileriň gizliň gelmekleri barada duýdyrdy.  Hirod gahar-gazaplydy.



Ol Isany ýok etmek hyjuwy bilen daş-töweregindäki obalarda erkek göbekli çagalaryň ählisini öldürtdi.





Ýöne Hirod Hudaýyň Oglyna hiçzat edip bilmedi!  Düýşüň üsti bilen duýduryş berilen Ýusup Merýem bilen Isany alyp Müsür tarapa ýola düşdi.

Hirod ölenden soň, Ýusup Meryem bilen Isany alyp Müsürden yzyna dolanýarlar.



Olar, Galileý deňiziň ýanynda ýerleşen Nasyr atly kiçijek şäherde ýaşap başladylar.

# Isanyň dünýä inişi

Hekaýa Hudaýyň Sözi, Mukaddes Kitap barada,

ýerleşýän yeri

Matta 1-2, Luka 1-2

“Siziň girizmä  salan Sözleriňiz ýagtylyk şöhlesi ýalydyr.”  Zebur 119:130

Soňy

Bu Mukaddes Kitabynyň taryhy bize gudratly
Hudaýymyz barada, bizi döredenligi barada we biziňem
Ol hakynda bilmegimizi isleýänligi hakynda aýdyp berýär.

Hudaýjan biziň ýaman işleri etýänligimizi bilýär we oňa günä diýip at berýär. Günäniň jezasy ölümdir, ýöne Huday bizi nahili güýçli söýýär, Ol Öz yeke-täk ogluny, Isany, haçda ölmek üçin we biziň eden günälerimizi saplamak üçin dünýä indirýär. Ölümden soň, Isa (Iisus) ýenede direlip we öz öýüne, Jennede gaýdyp barýar. Egerde siz Isa iman etýän bolsaňyz we Ondan günäňizi geçmegini dileýän bolsaňyz, Ol ony hökman eder! Ol geler we siz bilen siziň durmuşyňyzda ýaşar we siz hem Ol bilen baky ömürlik ýaşarsyňyz.

Eger siz bu hakykada ynanýan bolsaňyz, onda o hakynda Hudaýa şeýle ýüzleniň: Eziz Isa, Senin Hudaýlygyňa we Seniň adam bolup meniň günälerimi saplanyňy we häzir Sen ýenede diri ýaşaýanlygyňa ynanýan. Haýyş, meniň durmuşyma gir we meniň Seniň bilen täze durmuşa başlamagym üçin we bir gün Seniň bilen baky ömürlik bile bolmak üçin meniň günälerimi geç. Maňa Seniň sözüňe boýun bolmana we Seniň perzendiň ýalak bolup ýaşamana kömek et. Omyn.

Mukaddes Kitaby okaň we Hudaý bilen gürleşiň. Ýohanna 3:16
Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.